# Göwünden düşmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Göwünden düşmek GÖWÜNDEN DÜŞMEK



Kalbym ozal serhedi ýok sährady,
Onda zeýkeş ýokdy, ýokdy bir tiken.
Mendim saňa duşup akmaklyk edip,
Köňlümi bölekläp araçäk çeken.
Onsaň näme? Onsaň gatlak döredi,
Çür başy sen bolduň, sakçysy özüm.
Ah, goradym hatda maşgalamdanam,
Hiç hili tanyşlaň diňlemän sözün.

Seniň ýakynlarňy çykardym depä,
Käbir dostlarymy etdim men surgün.
Ýaşadym şu günli, ýaşadym senli,
Emma,
Durmuşda bar eken erte hem birgün…

Harmanyň çäji deý sowruldy gitdi,
Özi ýeke mydam gözüm dikenim.
Olam hiç-le, ýöne,
Gynanýan, gözüňden düşmejek bolup,
Örän köp göwünden düşen ekenim.

Ahmet ARAZOW. Goşgular